**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**
**KARARY**

«14» oktýabr 2016 ý. № 14977 Aşgabat ş.

# Maýyplygy bolan adamlaryň zähmet we iş üpjünçilik çygryndaky hukuklarynyň Türkmenistanda doly durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin 2017-2020-nji ýyllarda amala aşyrylmaly çäreleriň Meýilnamasyny tassyklamak hakynda

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak, maýyplygy bolan raýatlaryň zähmet çekmäge hukuklarynyň amala aşyrylmagy üçin mümkinçilikleri we şertleri döretmek, olaryň iş bilen üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, karar edýärin:

1. Maýyplygy bolan adamlaryň zähmet we iş üpjünçilik çygryndaky hukuklarynyň Türkmenistanda doly durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin 2017-2020-nji ýyllarda amala aşyrylmaly çäreleriň Meýilnamasyny tassyklamaly (goşulýar).

2. Ministrlikler, pudak edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri şu kararyň 1-nji bölüminde görkezilen Meýilnamada göz öňünde tutulan çäreleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministri, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2016-njy ýylyň 14-nji oktýabrynda
çykaran 14977-nji karary bilen
tassyklanyldy

**Maýyplygy bolan adamlaryň zähmet we iş üpjünçilik çygryndaky hukuklarynyň Türkmenistanda doly durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin 2017-2020-nji ýyllarda amala aşyrylmaly çäreleriň Meýilnamasy**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 01.07.2018 ý. çykaran № 835 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

| T/b | Çäreleriň atlary | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 1 | Birleşen Milletler Guramasynyň Maýyplaryň hukuklary hakynda Konwensiýasyndan gelip çykýan ýörelgelerinde we kadalarynda maýyplygy bolan adamlaryň zähmet we iş üpjünçilik çygryndaky hukuklarynyň kepillendirilişiniň Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilişini seljermek | 2017 ý. | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 2 | Maýyplyga getirýän keselleri irki döwürde (wagtyndan ir) ýüze çykarmak, onuň öňüni alyş, bejeriş we zähmete ukyplylygyny dikeldiş çäreleriniň gözegçiligini ýokarlandyrmak | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| 3 | Maýyplygy bolan adamlara döwlet tarapyndan berilýän mugt saglygy goraýyş kömeginiň we saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak hem-de sanyny artdyrmak boýunça çäreleri geçirmek | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| 4 | Maýyplygy bolan adamlaryň saglygyny hem-de zähmete ukyplylygyny doly we bölekleýin dikeltmek meselesi boýunça saglygy goraýyş edaralary tarapyndan maslahatlary geçirmek | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| 5 | Zähmet şikesi ýa-da hünär keseli netijesinde zähmet ukybynyň ýitirilmeginiň derejesini göterim ölçeginde kesgitlemegiň tertibini | 2017ý. | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | kämilleşdirmek | | goramak ministrligi |
| 6 | Maýyplygy bolan adamlaryň funksional bozulmalaryny we olaryň durmuş çäklendirmelerini (mümkinçiliklerini) göz öňünde tutup hödürlenýän zähmet we hünär (professional) işiniň sanawyny hem-de şol sanawy ulanmak boýunça usuly görkezmeleri işläp taýýarlamak | 2017ý. | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi<br>Türkmenistanyň Adalat ministrligi |
| 7 | Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralarda, kärhanalarda we guramalarda maýyplygy bolan adamlary işe kabul etmek we Maýyplygy bolan adamlar üçin ýöriteleşdirilen iş ýerlerini döretmek üçin paýy bellemek hem-de ony ýerine ýetirmek | 2017-2020ý. | Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| 8 | Maýyplygy bolan adamlary işe ýerleşdirmek üçin goşmaça (şol sanda ýöriteleşdirilen) iş ýerlerini döredýän eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralara, kärhanalara we guramalara höweslendirmeleri döretmek boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek üçin teklipleri taýýarlamak | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Mejlisi,<br>Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Körler we kerler jemgyýeti, beýleki degişli jemgyýetçilik birleşikleri |
| 9 | Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edaralarda, kärhanalarda we guramalarda işleýän maýyplygy bolan adamlar üçin olaryň özbaşdak dikeldiş maksatnamasy esasynda zähmet şertlerini döretmek | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 10 | Maýyplygy bolan adamlaryň Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik telekeçilik işi bilen meşgullanmaklary üçin mümkinçilikleri giňeltmek | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň senagatçylar we telekeciler birleşmesi,<br>Türkmenistanyň Adalat ministrligi |
| 11 | Maýyplygy bolan adamlaryň, maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary tarapyndan öndürilýän önümlerini döwlet tarapyndan satyn alnyşyny düzgünleşdirilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamak | 2017ý. | Türkmenistanyň Mejlisi,<br>Türkmenistanyň Adalat ministrligi,<br>Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Körler we kerler jemgyýeti, beýleki degişli jemgyýetçilik birleşikleri |
| 12 | Maýyplygy bolan adamlaryň zähmet şertlerine uýgunlaşdyrylan täze hünäri almagy üçin, bilim maksatnamalary we özbaşdak | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | dikeldiş maksatnamalary esasynda okuw meýilnamalaryny işläp taýýarlamak | | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 13 | Maýyplygy bolan adamlaryň zähmet we iş üpjünçilik çygrynda maglumatlar bilen üpjünçiligini kämilleşdirmek | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Türkmenistanyň Körler we kerler jemgyýeti, beýleki degişli jemgyýetçilik birleşikleri |
| 14 | Ýokary hünär bilimi edaralaryna durmuş üpjünçilik işgärlerini taýýarlamak boýunça hünäri girizmek | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 15 | Maýyplygy bolan adamlar üçin “durmuş taksi” ulag hyzmatyny guramagyň kadalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň awtomobil ulaglary ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri we degişli jemgyýetçilik birleşikleri |
| 16 | Maýyplygy bolan adamlaryň ýaşaýyş jaýlaryna, jemgyýetçilik we önümçilik binalaryna, desgalara baryp bilmekleri, jemgyýetçilik ulaglaryndan, aragatnaşyk we maglumat serişdelerinden peýdalanmaklary üçin şertleri döretmek | 2017-2020ý. | Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrligi, Türkmenistanyň aragatnaşyk ministrligi, “Türkmenawtoýollary” döwlet konserni, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, degişli ministrlikler we pudak edaralary |